# Ýazar galamym

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýazar galamym ÝAZAR GALAMYM

Garany bozupdy aklary çekip,
Ýasandyr ýyldyzy asmana çykyp.
Gözellik ýaýrasyn çeşmeden akyp,
Goşgular döredip bezär galamym.

Eneleň hüwdüsin ýürekden diňläp,
Gursagyň gam tutar sözlerin aňlap,
Ötendir şahyrlar gijesi daňlap,
Taryhy agtaryp yzlar galamym.

Batyrlaň ozaldan iline aşyk,
Är ýigit bolsalar geçirip ýaşlyk,
Adalatly ynsan bolsady başlyk,
Ynsanyň sylagyn gözlär galamym.

Bahar gelse guşlar saýraşyp galkar,
Arykdan dury suw ruhuna akar,
Sähramda dogaýsa agzybir ülker,
Hoş bolup şadyýan gezer galamym.

''Emine'' men, daglaň ýolunda gezsem,
Ylhamly ülkämiň döşünde ozsam,
Baglarda saýrasam gazallar düzsem,
Bilbiliň nagmasyn ýazar galamym.



Emine TÜRRÜK,
Türkmensähraly türkmen şahyry. Goşgular